# Altyndepe

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Altyndepe ALTYNDEPE

Haýsy maksat bizi muňa getirdi,
Geçmişimiz öwrenmäge höwesmi?
Onlap ýigit, onlap gözel, asyrlaň
Çuňluklaryn öwrenip ýör höwesli.

Bir o ýandan,
Bir bu ýandan gazýarlar,
Düýnki günden bir nyşanjyk agtaryp.
Altyndepäň hazynaly goýnunda,
Bu günden barýarlar düýnüne tarap.

Sähraň ýüzün sypap öwüsýän şemal,
Howasyn getirýär geçen asyrlaň.
Biziň eramyzdan owalky asyr,
302-nji ýyl,
Beýan et syrlaň!

Hany?
Ol ozalky güllän medeniýet,
Gadymy Urartu, Mesopotamiýa!
Neçün bozulypdyr gözel diwarlar,
Soňlanmaýan uruşlaryňyz barmy ýa!

Bize syryňy aç,
Gadymy depe!
Syr ýüzüňden asyrlaryň perdesin.
Geçmişinden,
Şu gününden öwrenip,
Döretmeli biz dünýäniň ertesin.

Aýsoltan JEPBAROWA.

«Edebiýat we sungat» gazeti, 05.06.1987 ý. Goşgular